Dünýäniň iň täsin gurluşyk binalarynyň sanawynda Türkmenistanyň Bitaraplyk binasynyň ady aýratyn agzalyp geçilýär.

Bina Türkmenistanyň ilkinji prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen 1996-1998-nji ýyllarda Türkiýe Respublikasynyň meşhur "Polimeks" gurluşyk kärhanasy tarapyndan gurulýar hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň üç ýyllygy mynasybetli 1998- nji ýylyň 12- nji dekabrynda dabaraly ýagdaýda açylýar.
Üç sany ýapgyt uly sütüniň üstünde otyrdylan köp gatly binanyň beýikligi 83 m deň bolup, onuň ýokarky böleginde Türkmenistanyň ilkinji prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň 12 metrlik altyn çaýylan heýkeli bardyr.  Bina göçürilmezin öň, bu gurluş günüň dogýan ugry boýunça ýuwaşlyk bilen aýlanyp, bir gije gündiziň dowamynda doly bir aýlaw edýärdi.

Binanyň merkezi okuny emele getirýän panorama liftinden bütin şäheriň durkuny synlap bolýar.
2010-njy ýylda Gahryman Arkadagymyzyň gol çekmegi bilen binanyň demontaž işlerine badalga berilýär. Binanyň ýokarky bölegindäki heýkeliň, binanyň özüniň, ýerleşýän ýeriniň üýtgedilmegi bilen bagly gaýtadan dikeltmek işlerine 2010- njy ýylyň ýanwar aýynda girişilýär. Işi ýene-de Polimeks gurluşyk şereketine ynynýarlar.

Bina 2011- nji ýylyň oktýabr aýynda Bitarap Türkmenistan şaýolunyň ugrunda Bitaraplyk meýdançasynda gurlup taýýar edilýär. Täze binanyň beýikligi 95 m bolup, öňküsinden 20 m tapawut edýär. Täze binanyň özünde altynsow reňkler köp ulanylyp, üstündäki heýkel gozganmaýan görnüşinde gurnaldy.
Täze bina 2011- nji ýylyň 12 – nji dekabrynda dabaraly ýagdaýda açyldy.

**Aşyrniýaz BAÝRAMOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024